Internet sahyp üçin düzedip taýýarlan  ; Timur Kor



# Içinde

Durna aydýar : - Uçar men,
Bagdad suwun içer men.
Gyş Hindistan göçer men,
Lälezarlyk içinde.

Düýe aýdýar : - Otlar men,
Otlan ýerim ýatlar men,
Elmydama botlar men
Selin, sazak içinde.



Turkmenkultur.com



Ýaby aýdar : - Men gende,

Üstüme münen bende,

Azabym köpdür günde,

Özüm hyzmat içinde.

Magtymguly.




**Towşana dogduk mekan.**



## Köşejik

Taňňylaryň goňşularynda köşeklije düýe bardy.

Köşejik diýseň mähirlijedi.

Ony gördügiňçe göresiň gelýärdi.

Tasňňy hem her gün goňşularynyňka baryp, köşejigi synlap gaýdardy.

Goňşulary bir gün düýelerini köşegi bilen satdylar.

Şundan soň Taňňy goňşularyna barmady.

Goňşy aýal :

-- Taňňy jan, bize barmaňy kesäýdiňle, oglum !

-- Men öňem size baramokdym. Köşegi görmäge barýardym – diýip, Taňňy öýkeli aýtdy.

**Agageldi Allanazarow.**




----------- ------------

**Eýesine gerek bolsa, goňşusyna haram**

Turkmenkultur.com

# **Guşlaryň bezzat çagalara haty**



Diýýärler bize
Ganatly lukman.
Bag – bakjaňyza
Biz gerek hökman.

Azar berseňiz
Kesekläp, daşlap,
Gideris ýaşyl
Baglary taşlap.

Hasylsyz galar
Güýzde obaňyz.
Gurçukly bolar
Ýolan miwäňiz.

**Hemra Şirow**

kultur.com

-----------  -------------


**El – eli ýuwar,**

**Iki el birigip – ýüzi.**

Turkmenkultur.com